Kally / poema

Category: Kitapcy,Poemalar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kally / poema KALLY *

Çerkes kyssasy

1.

"Wagty geldi, saña aýdaýyn indi,
Açaýyn men saña bu syry, oglum.
Meniñ bu sözlerim – Allanyñ pendi,
Kasam et, ähtiñe wepaly bolgun.
Ölmelidiñ, şükür etgin Allaña,
Sypdyr ganly ellerinden jelladyñ.
Öldürlenleñ aryn ýerne salmaga
Sen galdyñ, ötenler bolmasyn nadyl,
Sebäp sensoñ ar-namysyñ ýaragy,
Ýetip geldi ar almagyñ möhleti,
Bar-da akdyr öz duşmanyñ garagny,
Aýyr sen boýnuñdan agyr töhmeti.
Sen jellat – Akpolat seniñ pidañdyr.
Ölen doganyñdyr eneñ-atañdyr
Nejisiñ elinden bolanfa gurban,
Ýalbaryp ýüzlendi adyna Allañ,
Kimdir biri galyp olañ yzynda,
Köýdürlen namysy ýerine salmań
Ugruna çykmagy edindi dileg.
Indi sen bar güýjüñ, gaýratyñ bilen
Ähli ýowuzlygñy bir ýere jemle,
Ýatdan çykar dözmezçilik etmegi.
Kanun, kasam, täleý boýunça hemme
Borç seniñ boýnuñda, amal etmeli.
Bolup geçen ýaman işleñ deregne,
Mukaddes maşgalañ hatyrasyna
Hiç kimi aýama, erk et ýüregñe.

Git-de bellisin et duşmanyñ bilen.
Meniñ ak patamy alyp git, hemem
Ýola düş sen polat hanjarñam al-da".
Ýigide şeý diýdi gazaply molla,
Kabardin ýigidi gara gözlerin
Çarhlap hem süpürip polat hanjaryn,
Mollañ namys hakda aýdan sözlerin
Sesini çykarman diñläp gitmäge
Taýyn, ata-baba gelýän düzgüni
Gan almak düzgüni berjaý etmäge,
Özi ýaş, ýüregi juwan ýigdekde,
Uzakda ol gorkudan ýa hederden.
"Mukaddes borjumy nesibe çekse,
Şu garañky gije berjaý eder men!"
Diýip, kasam etdi çykarman sesin,
Almaga öz duşmanlarnyñ kellesin.

2.

Gündiz öçdi. Ýowuz hesret başynda,
Aji aýlanyp ýör howlyñ daşynda.
Dagda höküm sürýär ümsümlik, tümlük.
Sary tegmil ýaly görnüp gidýär Aý
Gidende bulutdan buluda sümlüp.
Şemal hem şuwlaýar, hemem ses edýär,
Salgym ýaly bolup ýören ýigdekçe
Öz barmaly gapysyna seredýär.
Barýar duşmanyna bakýar ýakyndan,
Polat hanjaryny çykarýar gyndan…
Birden eşidýär-de onuñ dem alşyn,
Aji indi uzak säginip durman,
Uklap ýatan duşmanynyñ döşüne
Aldajy hanjaryn hatasyz urýar,
Tygyny kükrekde towlaýar, burýar.
Kim elin bir sapar bulasa gana,
Soñ şony küýsemek mahsus ynsana.
Biri öldi, goşup oglanyñ ganyn,

Indi atasynyñ almaly janyn.
Ine, ýatyr goja, saçlary çap-çal!
Elin döşe goýup, sygynyp Haka.
Parahat ýüzünde uzyn murty bar,
Agzynyñ daşynda atyp dur halka.
Ýeri, Aji, indi nämä eglenýä,
Namysyñ sesini eşdeñokmy ýa?!
Eşidýäñmi? Bu ses sedasy atañ!
Şobada parahat ýatan ýerinden
Aşak gaýtdy gana boýalan goja.
Ölüm oñ ýüzüne çaýyldy, indem
Baryp o dünýäde oýanar goja!
Gandar ýigit garañkyny gulaçlap,
Ýene täze pidasyny gözledi.
Öz ýüregniñ gürsüldisinden başga
Hiç zat eşitmedi,
Hiç zat görmedi.
Ganly eli boş diwary sermedi.
Ýene galdymyka? Däl bu hemmesi!
Akpolatyñ gyzy bolmaly indi.
Şomahal titreýän Aýyñ şöhlesi
Bu naçar howlynyñ üstünden iýndi.
On ýedisin dolduran gyz-juwana
Agasynyñ, kakasynyñ takdyry
Garaşýar, dünýäni salyp heýjana
Heniz juwan jenan ýatyrdy diri.

3.

Daşynda öz oýnun gursa-sa pelek,
Şeýle bir owadan päkize melek
Ganhoryñ öñünde uklap ýatyrdy.
Ýöne biynjalyk bolýardy gözel,
Meger aýylganç düýä horlaýar ony.
Demini hopugyp alýardy gözel.
Birdenem hesretden hem gamdan doly
Gara gözler tümi böwsüp açyldy.

Hem gizlin şatlygyň alamaty deý
Gözýaşyň şöhlesi öýe seçildi.
Emma gijäň tümlüginden eýmenip,
Ýene-de ýumuldy şar gara gözler…
Indi o gözleri ýa söýgi gelip,
Ýa şatlyk, ýa gözýaş oýadyp bilmez!
Ýigit oýa çümüp seredip durdy,
Onuň kalby oýlar içre elenýär.
Sagat geçdi, ýeri, by näm boldugy!?
Niredendir bir ýerden iññildi gelýär.
Kim bu iññildeýän, kim bu iñleýän?
Belki, bu iññildi soňky gezekdir?
Aýdyr ýa asmandyr ony diñleýän
Ýa-da päli bozuk çarhypelekdir?!
Ejir çeken kalbyň çuň iññildisin
Ýa-da ölmüň çirkin, aýylganç sesin
Bir eşden hiç haçan unudyp bilmez,
Ahyrky güne çen özüne gelmez.

4.

Eýrandan getirlen halyň üstünde
Äwmän, çilim sorup, müň bir hyýalda,
Gymmat temmäkiniň boz tüssesinde
Horram-hoşwagt bolup otyrdy molla.
Birden ol eşittdi aýak sesini,
Aji ylgap girdi gözleri ýanyp.
Bir eline hanjar, beýlekisine
Şol gözeliň şamar saçlaryn alyp…
Nämä gerek boldy bu saçlar oña,
Molla, belki olar sowgatdyr saña.
Eýmenç bir ses bilen sözledi Aji –
"Bak bäriňe, tanadyňmy eý garry?
Urgym hatasyzdyr" – hanjaryň ujy
Ol "hawa" diýýänçä asmana galdy.
Mollaň depesinde oýnady hanjar,
Mollanyň döşüni boýlady hanjar…

5.

Eññidinde bu keremli daglaryñ
Agşamara Güneş saçanynda nur,
Ýönekeý ak daşdan sütün agaryp,
Ýalñyz garawul deý ýadygärlik dur.
Tikenli bägüller ösüp daşynda,
Selle ýaly oralyp dur başyñda.
Şo ýerden başlanyp map-mawy çöllük
Hem belent daglaryñ täjine çenli
Edýär gelmişegi özüne bendi.
Dünýäni unudan, dünýäñ unudan
Mollasy şu ýerde ýatyr ömürlik.
Ähli eden işin ýanyna alyp,
Ýatyr indi bir tümmege öwürlip.
Söýgüli aýaly gizlin jezadan,
Gabanmakdan ýa-da başga beladan
Heder etmän, undup gamy-gaýgyny,
Hezil edip söýýär indi gaýryny!..

6.

Şu günlerem bu rowaýat gezip ýör
Hem dagda gezip ýör howply bir adam.
Märekeden gaçýan wagşylar deýin
Gezip ýör ol iren ýaly dünýäden.
Gyz-geline asla edenok meýil.
(. . . . .)
Il-güni howsala saljak bolanok,
Hiç kimiñ ýanyna geljek ýör mydam,
Ne aglaýar, ne gürleýär, ne gülýär.
Hemem bu daglarda neçüýn özüne
Ganhor lakamynyñ galanyn bilýär.

1830-1831 ýý.

---

* Kally – çerkesleñ dilinde "ganhor" diýmekdir (Lermontowyñ

belligi).

Mihail LERMONTOW.

Terjime eden: Atamyrat ATABAÝEW.

• ПОЭМА КАЛЛЫ

«T is the clime of the East: ’t is the
land of the Sun –
Can he smile on such deeds as his
children have done?
Oh! wild as the accents of lovers’
farewell
Are the hearts which they bear,
and the tales which they tell.
«The Bride of Abydos».
Byron*

I

«Теперь настал урочный час,
И тайну я тебе открою.
Мои советы – божий глас;
Клянись им следовать душою.
Узнай: ты чудом сохранён
От рук убийц окровавленных,
Чтоб неба оправдать закон
И отомстить за побежденных;
И не тебе принадлежат
Твои часы, твои мгновенья;
Ты на земле орудье мщенья,
Палач,– а жертва Акбулат!
Отец твой, мать твоя и брат,
От рук злодея погибая,
Молили небо об одном:
Чтоб хоть одна рука родная
За них разведалась с врагом!
Старайся быть суров и мрачен,

Забудь о жалости пустой;
На грозный подвиг ты назначен
Законом, клятвой и судьбой.
За все минувшие злодейства
Из обреченного семейства
Ты никого не пощади;
Ударил час их истребленья!
Возьми ж мои благословенья,
Кинжал булатный — и поди!» —
Так говорил мулла жестокий,
И кабардинец черноокий
Безмолвно, чистя свой кинжал,
Уроку мщения внимал.
Он молод сердцем и годами,
Но, чуждый страха, он готов
Обычай дедов и отцов
Исполнить свято над врагами;
Он поклялся — своей рукой
Их погубить во тьме ночной.

II

Уж день погас. Угрюмо бродит
Аджи вкруг сакли… и давно
В горах всё тихо и темно;
Луна, как жёлтое пятно,
Из тучки в тучку переходит,
И ветер свищет и гудёт.
Как призрак, юноша идёт
Теперь к заветному порогу;
Кинжал из кожаных ножон
Уж вынимает понемногу…
И вдруг дыханье слышит он!
Аджи не долго рассуждает:
Врагу заснувшему он в грудь
Кинжал без промаха вонзает
И в ней спешит перевернуть.

Кому убийцей быть судьбина
Велит — тот будь им до конца;
Один погиб; но с кровью сына
Смешать он должен кровь отца.
Пред ним старик: власы седые!
Черты открытого лица
Спокойны, и усы большие
Уста закрыли бахромой!
И для молитвы сжаты руки!
Зачем ты взор потупил свой,
Аджи? Ты мщенья слышишь звуки!
Ты слышишь?.. то отец родной!
И с ложа, вниз, окровавленный,
Свалился медленно старик,
И стал ужасен бледный лик,
Лобзаньем смерти искаженный
Взглянул убийца молодой…
И жертвы ищет он другой!
Обшарил стены он, чуть дышит,
Но не встре ничего —
И только сердца своего
Биенье трепетное слышит.
Ужели все погибли? нет!
Ведь дочь была у Акбулата!
И ждёт её в семнадцать лет
Судьба отца и участь брата…
И вот луны дрожащий свет
Проникнул в саклю, озаряя
Два трупа на полу сыром
И ложе, где роскошным сном
Спала девица молодая.

III

Мила, как сонный херувим,
Перед убийцею своим
Она, раскинувшись небрежно, —

Лежала: только сон мятежный,
Волнуя девственную грудь,
Мешал свободно ей вздохнуть.
Однажды, полные томленья,
Открылись чёрные глаза,
И, тайный призрак упоенья,
Блистала ярко в них слеза;
Но испугавшись мрака ночи,
Мгновенно вновь закрылись очи…
Увы! их радость и любовь
И слёзы не откроют вновь!
И он смотрел. И в думах тонет
Его душа. Проходит час.
Чей это сон? Кто так простонет,
И не последний в жизни раз?
Кто, услыхав такие звуки,
До гроба может их забыть?
О, как не трудно различить
От крика смерти — голос муки!

IV

Сидит мулла среди ковров,
Добытых в Персии счастливой;
В дыму табачных облаков
Кальян свой курит он лениво;
Вдруг слышен быстрый шум шагов,
В крови, с зловещими очами,
Аджи вбегает молодой;
В одной руке кинжал, в другой…
Зачем он с женскими власами
Пришёл? И что тебе, мулла,
Подарок с женского чела?
«О, как верны мои удары! —
Ужасным голосом сказал
Аджи,— смотри! узнал ли, старый?» —
«Ну что же?» — «Вот что!» — и кинжал

В груди бесчувственной торчал…

V

На вышине горы священной,
Вечерним солнцем озаренной,
Как одинокий часовой,
Белеет памятник простой:
Какой-то столбик округленный!
Чалмы подобие на нём;
Шиповник стелется кругом;
Оттуда синие пустыни
И гребни самых дальних гор —
Свободы вечные твердыни —
Пришельца открывает взор.
Забывши мир, и им забытый,
Рукою дружеской зарытый,
Под этим камнем спит мулла,
И вместе с ним его дела.
Другого любит без боязни
Его любимая жена,
И не боится тайной казни
От злобной ревности она!..

VI

И в это время слух промчался
(Гласит преданье), что в горах
Безвестный странник показался,
Опасный в мире и боях;
Как дикий зверь, людей чуждался;
И женщин он ласкать не мог!
. . . . . .
Хранил он вечное молчанье,
Но не затем, чтоб подстрекнуть
Толпы болтливое вниманье;
И он лишь знает, почему
Каллы ужасное прозванье

В горах осталося ему.

Михаил ЛЕРМОНТОВ.

** Вот край Востока: вот страна Солнца —*
Может ли оно улыбаться деяниям своих детей?
О! неистовы, как возгласы любовников при расставании,
Сердца, ими носимые, повести, ими рассказываемые.
«Абидосская невеста». Байрон (англ.)

Михаил ЛЕРМОНТОВ. Poemalar